# Obama haýyş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Obama haýyş OBAMA HAÝYŞ

Küýsäp geldim, obam, behişdi goýnuñ,
Göresim geldi meñ daglaryñ ýene.
Gezesim geldi meñ gerşine çykyp,
Arça, kerkaw basan zawlaryñ ýene.

Daglañ gaýasyn çykasym geldi,
Olarda gizlenen çagalygymy.
Aýdym hiñlenip çagyrjak boldum,
Ýöne ol duýmady çagyranymy.

Duşmasam-da çagalygma dolanyp,
Gördüm daglaryñda dowamatymy.
Obam, daglaryñda gördüm men ýene,
Öwlüýä Pirgaýyp keramatyny.

Syrdam,
ýaşyl donly ýagşyzada deý,
Gaýalarda ösüp otyr dagdanlar.
Ony keramatly agaç hasaplap,
Tumar edip, dakynyp ýör adamlar.

Sessiz,
Haky ýatlap dan derwüşiñ,
Säher döküän sowuk gözýaşy deýin,
Damjalar damyp dur gaýañ gatyndan,
Olara ýüzümi ýuuwup gideýin…

Gadymy danalañ mañlaýna meñzeş,
Daglañ gaýalary ýygyrtdan doly
Añlap bilseñ olañ ýürek owazyn,
Olar parasatdan öwütden doly.

Gat-gat kitap bolup ýatyr daglarda

Goja dünýäñ durmuşynyñ taryhy.
Bardyr daglarynda Ýaradan Hakyñ
Barlygynyñ,
bakylygyñ tarypy.

Behişdi daglaryñ ortarasynda
Behişdi mekan deý ornaşan obam.
Bu gün saña aşyk,
daglarña aşyk,
Bolan bir ýürege ýerleşen obam.

Ýöne özi giñ goýnuna ýerleşmän,
Daglañ derelerne, zawlarna ornan.
Bu aşyk kalbymda,
sada kalbymda
Mydama señ eziz keşbiñi görýän.

* * *

Eziz obam seniñ behişt goýnuñda
Heniz aýdylmadyk söz galan eken.
Perisypat bir gözeliñ oýnundan
Ýüregimde öçmez köz galan eken.

Daglañ depesinde joşup, gygyryp,
Aýdan aýdymlarmy ýeller sygyryp
Aýdýar bu gün
Görsem meni çagyryp
Çalynmadyk mukam, saz galan eken.

Gudrat gördüm çaýdan çykan siliñde,
Sowulmadyk sahawat bar iliñde,
Ho-ol daglaryñ dereleriniñ gülünde
Mensiz geçip giden ýaz galan eken.

Çagalygym galan eken aýrylyp,
Galan eken ilki söýgim – aýralyk.
Görüp ýörsem, bir-birinden saýlanyp,
Ýene-de söýmeli gyz galan eken.

Arça, ýowşanyňy doýmadym ysgap,
Kalbym huzuryňa geler atygsap.
Adyňda soňsuz bir ynsap bar, ynsap,
Sende halal ryskym, duz galan eken.

Seniň gül goýnuňdan bolamsoň jyda
Bimany ömrümden ýadadym juda.
Indi galan ömrüm bereýin pida,
Saňa barjak günlem az galan eken…

* * *

Bilmedim men muny ýylgyryp aýdyp,
Arzuwlam myrada ýetmedi gaýdyp,
Garaşdym men bir gün gelersiň öýdüp,
Düýş bolup dünýäme dolan melegim.

Gara gözleň ömrüň syrly sowaly,
Tapmadym men mundan artyk jogaby,
Sensiz agyr maňa durmuşyň taby,
Düýä bolup dünýäme dolan melegim.

Şadyýan güleňde, dünýäm – hoş owaz,
Ýylgyryp güleňde, dünýäm – alaýaz,
Aşyk ýürek indi sensiz aglaýar,
Ýaş bolup didäme dolan melegim.

Dünýämiň eýesi, ýüzleriň mahy,
Kalbynda galypdyr günleriň ahy,
Söýgim saňa söýgi bersin ylahy,
Düýş bolup dünýäme dolan melegim.

Yşkyň ody ýalňyz galypdyr ýanyp,
Gyzgyn gözýaşlarym dynypdyr damyp,
Ýazan goşgularym galarlar dymyp,
Düýş bolup dünýäme dolan melegim.

* * *

Öçüpdir kalbyň owazy,

Üýtgäpdir dünýäñ howasy.
Artypdyr başymyñ gowgasy.
Diñe seniñ üçin, señ üçin.

Döz geldim söýgiñ zoruna,
Ýylandym kalbyñ goruna,
Tow düşdi bagtyñ taryna,
Diñe seniñ üçin, señ üçin.

Zalym pelek, zalym pelek,
Weýran etdiñ halym, pelek,
Wah, boldy ömrüm biderek,
Diñe seniñ üçin, señ üçin.

Gynandym keç ykbalyma,
Wah, boş geçen yhlasyma.
Hazan darady hasyla,
Diñe seniñ üçin, señ üçin.

Meni bir diwana eden,
Ýazgydym gör, boldy gedem,
Dünýäni ters öwrüp giden,
Diñe seniñ üçin, señ üçin.

Nurýagdy SEÝIDOW. Goşgular